# Damjalaryň owazy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Damjalaryň owazy DAMJALARYŇ OWAZY

Penjirämden gelýä ýene,
Damjalaryň owazy.
Ogurlady düýşüm, ine,
Hyýallaryň perwazy.
Gözlerim ýagşa dikilen,
Men pikirleň guwwasy.

Geň enaýy owaz edip,
Gökden inen damjalar.
Çawuş çakyp galamlara,
Diňlenmedik mukam çalar.
Kalbym maksadyna ýetip,
Ýazyp-ýazyp ynjalar.

Ah,onsoň neneň söýmejek,
Bu ýagyşy, bu ýazy.
Gijeleri şöwür çekdir,
Hoştap ysy, howasy.
Geler durar penjirämden,
Damjalaryň owazy.

Annabeg AÝMAKOWA. Goşgular